# Göwnüçökgünlige näme sebäp bolýar?

Category: Kitapcy,Medisina,Psihologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
Göwnüçökgünlige näme sebäp bolýar? GÖWNÜÇÖKGÜNLIGE NÄME SEBÄP BOLÝAR?

*«Men sebäpsiz ýere döreýän gaýgydan, gorky we howsala duýgularyndan ejir çekýärin. Toýa-sadaka, myhmançylyga barmaga çekinýärin, öýe myhman gelende özümi oňaýsyz duýýaryn. Adamlaryň arasyna çykanymda kelläm, ellerim, aýaklarym gatan ýaly bolýar. Kellämi, ellerimi sypalap oturmak endige öwrülipdir. Hiç kim bilen gürleşesim gelmeýär, diňe özümden bir zat soralanda jogap berýärin. Meniň üçin durmuşyň gyzygy ýok. Men siziň maslahatyňyza mätäç».*

Bahar MAKSATOWA,
Lebap welaýatynyň Köýtendag etraby.

***Aşgabat NOHUROW,***
***Myrat Garryýew adyndaky TDLUnyň psihiatriýa, narkologiýa we medisina psihologiýasy kafedrasynyň müdiri:***

– Gynansak-da, Bahar Maksatowa özüniň hatynda ýaşy, şahsy durmuşy, ýaşaýyş-durmuş şertleri, saglyk ýagdaýy baradaky maglumatlary görkezmändir. Belki, ol haýsydyr bir betbagtçylykly waka, meselem, ýakyn adamyny ýitirmegi zerarly ýa-da şum habary eşidendigi sebäpli stres geçirendir. Belki-de, onuň özüniň ýa-da ýakyn adamlarynyň biriniň agyr kesele duçar bolmagy sebäpli stres ýüze çykyp, stresden soňky newroz dörändir. Bu ýagdaýlarda daş-töwerekdäki adamlar bilen aragatnaşyk saklamakdan, köpçüligiň öňünde çykyş etmekden gorkmak bilen häsiýetlendirilýän sosial fobiýa (köpçüligiň arasyna çykmakdan gorkmak) ýüze çykyp bilýär. Stresden soňky newrozlaryň «erkiňe goýmaýan ýagdaýlaryň newrozy» diýlip atlandyrylýan beýleki bir görnüşinde kelleden çykmaýan

nähilidir bir pikir näsagyň aňynda berk ornaşýar we tiz-tizden gaýtalanyp durýar ýa-da syrkawda onuň özüne bagly bolmadyk endikler döreýär. Näsag bu ýagdaýyň kadaly däldigine düşünip, kellesinde ornaşan pikirden, öz erkine döremeýän endiklerden dynmaga synanyşýar, ýöne muny başarmaýar. Arterial gan basyşynyň, keýpiň ýygy-ýygydan üýtgäp durmagy, ýürek urgularynyň ýygylaşmagy, ukynyň bozulmagy, endamyň gyzmagy bilen ýüze çykýan klimakteriki newroz diňe aýallara mahsusdyr. Newrotiki depressiýada näsag mydama keýpsiz bolýar, göwni çökýär, sussy peselýär.

Bahar Maksatowanyň märekäniň üýşen ýerine barmaga çekinmegi, köpçüligiň öňünde geplemäge gorkmagy sosial fobiýany, ellerini, kellesini sypalamak endigi erkiňe goýmaýan ýagdaýlaryň newrozyny, el-aýaklarynyň, kellesiniň gatamagy newrotiki depressiýany güman etdirýär. Aýallarda aýbaşydan galynýan döwürde klimakteriki newrozyň döräp bilýändigini hem göz öňünde tutmaly. Jemlenilip aýdylanda, okyjyda sosial fobiýanyň, erkiňe goýmaýan ýagdaýlaryň newrozynyň, newrotiki depressiýanyň (belki-de, klimakteriki newrozyň) utgaşyp gelen bolmagy mümkin.

Newrozyň, göwnüçökgünligiň döremegine stresler we gipertoniýa, ateroskleroz hem-de kelle beýnisiniň damarlarynyň beýleki keselleri, zyýanly endikler, göwnüçökgünlige nesilleýin meýillilik, aýallarda klimaks döwri sebäp bolup bilýär. Agzalan keselleriň döremeginiň sebäplerine seretmezden, psiholog bilen maslahatlaşmak, psihiki bozulmany güman edip, psihoterapewte ýa-da psihiatra ýüz tutmak, bejeriş almak hökmandyr. Okyjy eger islese, bu mesele boýunça bize ýüz tutup biler.

**Biziň telefon belgimiz: 48-98-85.** Medisina